# Sendedir sende

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sendedir sende SENDEDIR SENDE



Hamyrdan serini ýörüten ynsan,
Şeýtanyň meýili sendedir sende.
Solundan pälini örüten ynsan,
Şeýtanyň seýili sendedir sende.
Allaň dostluk emri hökümi neden,
Ganym duşman söýülermi eý nadan,
Kimse duşmanyndan haýyrlyk dadan,
Şeýtanyň pygyly sendedir sende.

Eý Adamzat seniň ömrüň nijedir,
Ýüz ýyldan artarmy? haly küjedir,
Ol melgun ömrüniň ýyly bil nedir,
Şeýtanyň hyýaly sendedir sende.

Hamyrnyň başyndan ahyry haram,

Haýyry hem şeri, peýdasy, berem,
Haramdyr gardaşym, tobasy kerem,
Şeýtanyň pyýaly sendedir sende.

Halmyrat toba et demiň ýetinçä,
Allaň rehmeti ne?, ömrüň ötünçä!,
Günäden daşda ýör, duşman bitinçä,
Şeýtanyň zyýany sendedir sende.

25.12.2023 ýyl. Goşgular